# Täjir tanşyma

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Täjir tanşyma TÄJIR TANŞYMA




Ikimizem bir howadan dem aldyk,
Ikimizem bir obada ulaldyk.
Sen-ä täjir, menem eli galamly,
Göräýmäge, senem, menem külaldyk.
Täjirdiň,
Kejirdiň,
Halamadyň, goňşulary göçürdiň.
Başda “dostum” diýip ýörenleriňi,
Ýatdan öçürdiň…

Näçe ýyldan soň görüşdik arada,
Il içinde indi adyň “hajy aga”.
Ýöne sen bolsaň-da “tüçjar baýlardan”,
Seni diňläp-diňläp diýdim: “aaç, aga”.

Söz açsaň-da gara maldan, goýundan,
Ýat ekeni Gorkut ata, Pyragy…
Nädip ýaşap ýörsüň, haýran bolmuşam,
Gezseň-de Çynma-Çyn, Hebeş, Yragy…

Diňläp seni birsalymda garradym,

Tüm garaňky boldy bu ýagty jahan.
Okaňda-da ikilige okapdyň,
Garraňda-da ýaran eken şol bahaň…

22-23.12.2023.

Surat: Sergeý Niwens / «Biznesmen» Goşgular